Häzirki wagtda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilýän özgertmeleriň netijesinde ýurdumyz dünýäniň syýasy-ykdysady, medeni-ynsanperwer, maglumat giňişliginde eýeleýän ornuny barha pugtalandyrýar. Halkara hyzmatdaşlygyň çäklerinde meşhur köpçülikleýin habar beriş serişdeleri bilen hem gatnaşyklar işjeňleşdirilýär.

Ýakynda dünýäniň millionlarça teletomaşaçysyny syýasy, ykdysady, medeni we beýleki ugurlarda bolup geçýän wakalar bilen dürli dillerde dessin tanyşdyrýan «Euronews» telekompaniýasynyň döredijilik topary ýurdumyzda saparda boldy we türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow bu abraýly telekompaniýanyň habarçysy Loro Bakwelliniň sowallaryna jogap berdi.

Gahryman Arkadagymyz söhbetdeşlikde ýurdumyzyň içeri we daşary syýasatynyň esasy ugurlaryny, dünýä gün tertibiniň üns merkezinde durýan suw, energetika meseleleri, ählumumy hem sebit hyzmatdaşlygy barada Türkmenistanyň garaýyşlaryny beýan etdi. Milli Liderimiziň iri telekompaniýanyň habarçysy bilen söhbetdeş bolmagy dünýä bileleşiginiň Türkmenistana bolan ägirt uly gyzyklanmalarynyň, ýurdumyzyň öňe sürýän başlangyçlarynyň möhüm ähmiýete eýediginiň, döwletimiziň halkara abraýynyň barha belende galýandygynyň aýdyň güwäsidir.

**1. Ýewropa Bileleşiginiň Merkezi Aziýa tarap ymtylmagy üçin itergi beren sebäpleriň biri Ukraina bilen Russiýanyň arasyndaky ýagdaýlar bilen bagly. Türkmenistanyň Bitaraplyk hukuk derejesine eýe bolup, onuň parahatçylygy we ynanyşmagy ündeýändigi hemmelere mälim.**
**Russiýa — Ukraina ýagdaýy babatda Siziň garaýyşlaryňyz nähili? Şeýle hem häzirki döwürde parahatçylyk üçin edilýän synanyşmalara nähili baha berýärsiňiz?**

— Ilki bilen, Size we Siziň kärdeşleriňize «Türkmenistanda hoş gördük!» diýip ýüzlenýärin. Biz “Euronews” teleýaýlymy bilen hyzmatdaşlyga ýokary baha berýäris. Onuň köpmillionly tomaşaçylary bilen ýaýlymda duşuşmak olara Türkmenistany has gowy tanamaga ýardam berer diýip pikir edýärin. Munuň özi ýurdumyzyň içeri syýasatda hem, halkara giňişlikdäki işleri barada hem düşünje berer.

Bitaraplyk biziň alyp barýan daşary syýasatymyzyň esasydyr. Ol Türkmenistanyň dünýä bileleşigi bilen, şol sanda çylşyrymly ýagdaýlarda hem özara gatnaşyklaryny anyk kesgitleýär. Türkmenistan bu ugurda üç düýpli garaýşy beýan edýär. Olar şulardan ybarat:

Syýasy taýdan, biziň ýurdumyz — Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan ykrar edilen hemişelik Bitarap döwlet. Türkmenistan halkara dawalara gatnaşmaýar hem-de goşulmaýar.

Все права защищены

Bu ýagdaý ýurdumyzyň Konstitusiýasynda, «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy hakynda» Konstitusion kanunda, döwletimiziň daşary syýasatyna degişli beýleki esasy resminamalarda berkidildi.

Hukuk taýdan seredenimizde, Türkmenistan ýurtlaryň arasynda döreýän ähli jedelli ýagdaýlary Birleşen Milletler Guramasynyň Tertipnamasy we halkara hukugyň ykrar edilen düzgünleri esasynda çözmegiň tarapdary bolup çykyş edýär.

Dünýä garaýyş babatda aýdylanda, Türkmenistan halkara gatnaşyklarda güýç ulanmak usullaryny goldamaýar. Sebäbi uruş emele gelen ýagdaýlaryň çözgüdi däldir we bu ýagdaý iş ýüzünde ençeme gezek subut edildi. «Urşuň ýeňen ýeri ýok» diýen ajaýyp türkmen pähimi hem bar. Biz şu dogry garaýyşdan ugur alýarys we mundan beýläk-de ugur alarys.

Sanalyp geçilen bu garaýyşlar Siziň agzan meseläňize-de doly derejede degişlidir.

**2. Suw ýetmezçiligi — sebitde iň derwaýys meseleleriň biri. Ol suw üçin ykdysady talabyň artmagy bilen has-da çylşyrymlaşýar. Şu babatda dünýä bileleşiginiň hem Hökümetiň arasyndaky hyzmatdaşlyk barada nähili pikirleriňiz bar?**

— Dogrusyny aýtsak, munuň özi sebit üçin örän uly mesele bolup durýar. Biz Merkezi Aziýada suw meselesine seretmegiň esasy üç kadasyny ozal hem ençeme gezek çykyşlarymyzda beýan edipdik. Olar:

— birinjiden, halkara hukugy berjaý etmek. Munuň özi suw serişdeleriniň bütin adamzadyň umumy baýlygy bolup durýandygyny aňladýar. Suwy peýdalanmak bolsa umumy ykrar edilen kadalara laýyklykda, hususan-da, Birleşen Milletler Guramasynyň Konwensiýasynyň esasynda ýola goýulmalydyr.

— ikinjiden, bähbitleriň özara hasaba alynmagy. Bu bolsa suw serişdeleri ulanylanda ähli döwletleriň halklarynyň bähbitleriniň göz öňünde tutulmalydygyny aňladýar. Diňe şeýle çemeleşme adalatly we durnukly ösüşi üpjün edip biler.

— üçünjiden, bu işe halkara guramalaryň, ilkinji nobatda, Birleşen Milletler Guramasynyň gatnaşmagy. Biz BMG-niň suw meselesi bilen bagly başlangyçlara gatnaşmagynyň kanuny we netijeli boljakdygyna ynanýarys. Şundan ugur alyp, sebitiň serhetüsti derýalarynyň suw serişdelerini peýdalanmagyň usullaryny ýola goýmak maksady bilen, Türkmenistan Merkezi Aziýa ýurtlarynda suwdan peýdalanmak meseleleri boýunça sebit Geňeşini döretmegi teklip edýär. Munuň özi Merkezi Aziýada hoşniýetli goňşuçylygy, ösüşi, hyzmatdaşlygy berkitmekde möhüm ädim bolar. Biz Birleşen Milletler Guramasynyň Amyderýa we Syrderýa

Все права защищены

boýunça Konwensiýalarynyň kabul edilmegini goldap çykyş edýäris.

**3. Türkmenistanyň Bitaraplyk derejesi syýasy gepleşikler üçin örän möhümdir. Bu ýagdaý Owganystan bilen gatnaşyklaryňyzda-da äşgär ýüze çykýar. Şoňa görä, Owganystan bilen ikitaraplaýyn gatnaşyklaryňyzyň häzirki ýagdaýy barada nämeleri aýdyp bilersiňiz?**

— Türkmenistan bu ugurda oýlanyşykly syýasaty alyp barýar. Ol döwletimiziň daşary syýasatynda esasy üns berilýän meseleleriň biri bolup durýar.

Owgan halky — biziň goňşymyz. Biz bu halk bilen ýüzýyllyklaryň dowamynda ysnyşykly ýaşaýarys. Owganlaryň däp-dessurlary, ruhy we medeni gymmatlyklary bize has ýakyn. Türkmenler bilen owganlaryň uzak döwürlerden bäri dowam edip gelýän taryhy gatnaşyklary bar. Şoňa görä-de, Owganystanyň, ol ýerde ýaşaýan adamlaryň ykbaly biziň üçin parhsyz däldir.

Biz owganlaryň parahat, asuda durmuşda ýaşap, öz döwletini gurmagyny, ykdysadyýetini hem-de durmuş ulgamlaryny dikeltmegini isleýäris. Ýurduň sebitde we onuň çäklerinden daşarda alnyp barylýan ykdysady işlere, taslamalary amala aşyrmaga goşulmagy ugrunda çykyş edýäris. Şundan ugur alyp, Türkmenistan Owganystanyň gatnaşmagynda ençeme möhüm we geljegi uly ykdysady taslamalary öňe sürdi hem-de durmuşa geçirýär. Şolaryň arasynda Türkmenistan — Owganystan — Pakistan — Hindistan gaz geçirijisiniň, Owganystanyň üsti bilen Pakistana elektrik we aragatnaşyk ulgamlarynyň, biziň ýurdumyzdan owgan tarapyna demir ýollary gurmagyň taslamalaryny görkezmek bolar.

Türkmenistan owgan halkyna köp möçberde ynsanperwerlik kömegini hem berýär. Ýurdumyzda owgan talyplary, ýagny ýaşlary okadylýar. Bu ýurtda öz serişdelerimiziň hasabyna durmuş maksatly desgalar gurulýar.

Biziň ýurdumyz Owganystandaky ýagdaýy syýasy ýollar arkaly, halk köpçüliginiň bähbitlerini nazara almak esasynda düzgünleşdirmäge halkara ýardamy bermek ugrunda işjeň çykyş edýär. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistan Owganystan boýunça dürli çärelere işjeň gatnaşýar. Bu ýerde emele gelen ýagdaýlary nazara almak bilen, ýurduň täze ýolbaşçylarynyň dünýä bileleşigi bilen gatnaşyklary kadalaşdyrmaga çalyşýandygyndan ugur alýar. Biz ýurduň ýolbaşçylary bilen Birleşen Milletler Guramasynyň garaýyşlaryny nazara alyp, netijeli gatnaşyklary goldaýarys.

Men ýene-de bir gezek gaýtalaýaryn: Owganystan bize ýakyn bolan doganlyk ýurtdur. Şoňa görä, bu ýurduň halkynyň parahatçylygyna, ylalaşygyna we ösüşine ýardam bermek

Все права защищены

Türkmenistan üçin has ileri tutulýan ugurdyr.

**4. Ýewropa Bileleşiginiň Merkezi Aziýa babatdaky täze gyzyklanmasyna gaýdyp gelenimizde, Siz hyzmatdaşlygyň bu ugruna nähili baha berýärsiňiz we ol Türkmenistan üçin nämäni aňladýar?**

— Bu örän giň, özi-de aýratyn gürrüňi talap edýän mesele. Muňa garamazdan, onuň has möhüm taraplaryny bellemäge hem-de biziň ýurdumyzyň Ýewropa Bileleşigi bilen hyzmatdaşlygynyň ileri tutulýan ugurlaryny kesgitlemäge çalşaýyn!

Ilkinji nobatda, Türkmenistanyň Ýewropa Bileleşigi bilen gatnaşyklaryna taryhy ýagdaýlardan seretmek gerek. Türkmenler bilen ýewropalylaryň arasyndaky ilkinji resmi gatnaşyklar irki orta asyrlara degişlidir. Bu gatnaşyklar köp wagtyň dowamynda syýasy, ykdysady, söwda ulgamlarynda ösdürildi. Medeni we ylmy hyzmatdaşlyk ýola goýlup, özara baýlaşdyryldy. Şoňa görä-de, häzirki döwürde bizde Türkmenistanyň Ýewropa Bileleşigi, bütin Ýewropa bilen gatnaşyklaryny ösdürmäge ýardam berjek möhüm we düýpli taryhy esasyň bardygyny aýdyp bilerin.

Türkmenistan Ýewropa Bileleşigi bilen syýasy gatnaşyklary ösdürmäge möhüm ähmiýet berýär. Ykdysady ugurly özara hereketleri giňeltmek bilen, söwda, ulag-aragatnaşyk, kommunikasiýa, medeniýet, ylym-bilim ulgamlarynda hyzmatdaşlyk etmegi goldaýar.

Şunda parlamentara gatnaşyklaryň möhümdigini hem bellemek zerur. Soňky ýyllarda Aşgabatda we Brýusselde parlamentara duşuşyklaryň hem-de “Türkmenistan — Ýewropa Bileleşigi” bilelikdäki komitetiň mejlisleriniň yzygiderli geçirilýändigini aýtmak isleýärin. Şeýle hem adam hukuklary boýunça “Türkmenistan — Ýewropa Bileleşigi” dialogy hereket edýär. Biz bu ugurdaky işleri dowam etdirmäge we giňeltmäge taýýardyrys.

Ýewropaly hyzmatdaşlar bilen ýurdumyzyň gatnaşyklaryny ösdürmek özara bähbitlidir. Ol häzirki zaman dünýä ösüşiniň hakyky talaplaryny hem-de meýillerini beýan edýär diýip hasaplaýarys.

Elbetde, energetika pudagynda ägirt uly mümkinçilikler bar. Häzirki döwürde bu ugurda özara gyzyklanma barha artýar. Sebäbi energiýa serişdeleriniň Ýewropa bazary dünýäde iň iri bazarlaryň biri bolup durýar. Bu günki gün ol Ýewropanyň ykdysadyýetini kadaly ösdürmek üçin energiýa çig malynyň köp möçberde hem-de bökdençsiz iberilmegini talap edýär. Türkmenistan tebigy gazy ibermek meselesinde ýewropaly hyzmatdaşlar bilen ysnyşykly işleşmäge taýýardyr. Bu işi amala aşyrmagyň ýollarynyň biri-de ony Hazarüsti ugry ilerletmek bolup durýar.

Все права защищены

Biz hemişe Hazar deňzinde doly derejeli energetika hyzmatdaşlygyny ýola goýmak, şol sanda günbatar tarapa suwasty turbageçirijileri gurmak arkaly ýola goýmak ugrunda çykyş edip geldik. Bu biziň Hazar deňziniň hukuk derejesi hakynda Konwensiýada berkidilen kanuny hukugymyzdyr.

Biz Hazar deňzinde suwasty üpjünçilik ulgamlarynyň gurulmagynyň kenarýaka döwletleriň ykdysady talaplaryna laýyk gelýändiginden ugur alýarys. Munuň özi energiýa serişdelerini öndürijileriň, sarp edijileriň we üstaşyr geçirijileriň bähbitlerini deň derejede nazara almagy göz öňünde tutýar. Bu bolsa Ýewraziýada energetika howpsuzlygyny we durnuklylygyny üpjün etmegiň möhüm şerti bolup hyzmat eder.

Hazar deňziniň düýbüniň çäklerini bellemek bilen bagly hukuk soraglaryny hem çözmek gerek. Biz häzirki döwürde munuň üçin hiç hili päsgelçilik görmeýäris. Ähli zat bu işe gatnaşyjylaryň hoşniýetli erk-islegine, taýýarlygyna baglydyr. Türkmenistanda şeýle erk-isleg bar.

Şeýle hem biz energiýa serişdeleriniň iberilmeginiň çäklendirilmezligini teklip edýäris. Ilkinji nobatda, «ýaşyl» energetika ulgamynda bilelikdäki taslamalara başlamak, Ýewropa elektrik energiýasyny ibermek ugrunda çykyş edýäris. Türkmenistan elektrik energiýasyny ibermäge taýýar.

Häzirki wagtda Hazar deňziniň ýurdumyza degişli kenarynda kuwwaty 1 müň 574 megawat bolan elektrik stansiýasy gurulýar. Elektrik ulgamlary öz çäklerinden geçjek döwletleriň birleşen tagallasy bolanda, bu taslamanyň ýakyn geljekde we özara bähbit esasynda amala aşyryljakdygyna ynanýaryn.

Biz wodorod energetikasy, energiýanyň gaýtadan dikeldilýän çeşmelerini peýdalanmak boýunça hem ýewropaly hyzmatdaşlar bilen işleşmäge taýýardyrys.

**5. Bize Türkmenistanyň tebigy gazynyň çykarylýan möçberiniň artmagy we onuň bilen bagly meýilleriňiz barada-da gürrüň berip bilermisiňiz? Ýewropada gaz howpsuzlygyny üpjün etmekde Siziň bu işleriňiz esasy çözgüt bolup bilermi? Bu meseläniň geljegi barada nähili pikir edýärsiňiz?**

— Biziň ýurdumyz tebigy gazyň gorlary boýunça dünýäde dördünji orny eýeleýär. Men ýene-de bir anyk mysaly getireýin: Türkmenistandaky «Galkynyş» käni gazyň möçberi boýunça dünýäde birinji orunda durýar. Onuň gorlary tebigy gazyň 27,4 trillion kub metrine barabardyr.

Все права защищены

Bu sanlar ýurdumyzyň eksport mümkinçiliginiň energiýa bilen diňe özümizi däl-de, eýsem, sebitimizdäki we onuň çäklerinden daşardaky hyzmatdaşlarymyzyň hem isleglerini kanagatlandyrmaga mümkinçilik berýändigini görkezýär. Türkmenistandan gündogar, günorta we demirgazyk ugurlara gurlan hem-de üstünlikli işleýän esasy gaz geçirijiler muny doly tassyklaýar. Şular ýaly taslamalary diňe energetika serişdeleriniň zerur möçberlerine eýe bolan ýurt öňe sürüp biler.

**6. Türkmenistan Merkezi Aziýanyň bäş ýurdunyň biri hökmünde ýene birnäçe aýdan Özbegistanda geçiriljek sammite gatnaşar. Şunuň bilen baglylykda, Siziň sammitde beýan etjek esasy pikirleriňiz nämelerden ybarat bolar? Olaryň haýsylaryny tomaşaçylarymyz bilen paýlaşyp bilersiňiz?**

— Bu ilkinji “Merkezi Aziýa — Ýewropa Bileleşigi” sammiti bolar. Munuň özi aýratyn umytlary we düşünjeleri berýär. Bu sammitden ähli ugurlarda gatnaşyklar boýunça deňhukukly, strategik we işjeň dialoga, möhüm çözgütleriň hem-de ylalaşyklaryň gazanylmagyna garaşýarys.

Dünýä örän çalt özgerýär, täze syýasy, geoykdysady ýagdaýlar ýüze çykýar. Bu ýagdaýlary hasaba almak bilen, hyzmatdaşlygyň many-mazmunyny hem kesgitlemelidiris.

Men hyzmatdaşlygyň mümkinçiliginiň uludygyna ynanýaryn. Sebäbi Merkezi Aziýa döwletleri çalt depginler bilen ösýär. Aziýanyň we Ýewropanyň geografik taýdan amatly çatrygynda ýerleşýän bu ýurtlaryň ägirt uly tebigy serişdeleri, ýaş we işewür ilaty bar.

Häzirki döwürde Merkezi Aziýa dünýäniň parahatçylyk, howpsuzlyk, durnuklylyk şertlerinde ýaşamaga we ösmäge islegleri bolan örän möhüm sebitidir. Ol daşary ýurtly hyzmatdaşlary bilen deňhukuklylyk, özara bähbitlilik esasynda hyzmatdaşlyk edýär. Bu düzgünler Merkezi Aziýa ýurtlarynyň we olaryň Liderleriniň özara gatnaşyklarynyň esasynda durýar. Häzirki döwürde olaryň arasynda içerki sebit dialogynyň hem-de hyzmatdaşlygyň netijeli usullary ýola goýuldy. Merkezi Aziýa hut şeýle garalmalydyr we Ýewropa Bileleşigi üçin özüne çekiji bolmalydyr.

Elbetde, Ýewropa Bileleşiginiň ykdysady, ekologiýa, tehnologiýalar, emeli aň ulgamlarynda toplan tejribesi, gazanan üstünlikleri we mümkinçilikleri biziň ýurtlarymyz üçin peýdalydyr hem-de gyzyklydyr.

Ählumumy daşary syýasat gün tertibi boýunça hyzmatdaşlyk etmekde-de gowy mümkinçilikler bar diýip pikir edýärin. Sebit howpsuzlygyny üpjün etmekde, serhetleri berkitmekde, neşeleriň ýaýramagyna garşy göreşmekde we ençeme beýleki ugurlarda hem

Все права защищены

arkalaşykly işleşmäge giň şertleriň bardygyna ynanýaryn.

Umuman, Merkezi Aziýanyň Ýewropa Bileleşigi bilen gatnaşyklary barada aýdylanda, Türkmenistan bu gatnaşyklaryň:

— uzak möhletli;

— netijeli;

— toplumlaýyn hem-de anyk bolmagyny isleýär.

Biz geçiriljek sammitiň şeýle gatnaşyklara zerur itergi bermegine bil baglaýarys. Bu hyzmatdaşlygyň birek-birege bähbitli we geljeginiň uly boljakdygy aýdyňdyr. Şoňa görä-de, özara bähbitlilik esasynda bar bolan mümkinçilikleri netijeli durmuşa geçirmek üçin bilelikde işlemelidiris.

**7. Siziň Alyhezretiňiz, «Euronews» bilen bu ýörite söhbetdeşligimize wagt tapandygyňyz üçin köp sag boluň!**

— Bu günki söhbetdeşlik üçin Size hem-de «Euronews» telekompaniýasynyň döredijilik toparyna minnetdarlyk bildirýärin. Pursatdan peýdalanyp, Size alyp barýan işleriňizde mundan beýläk hem uly üstünlikleri arzuw edýärin.

Sag boluň!

Все права защищены